# Eýran saýlawlary… Kanuny soraglar

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýran saýlawlary… Kanuny soraglar EÝRAN SAÝLAWLARY… KANUNY SORAGLAR




Režimiñ görnüşi we tebigaty, şu güni we geljegi hakda köp sanly, uly, garjaşyk we inçe bolan kanuny soraglar bar. Käbir detallarda birden köp jogap baram bolsa, käbir detallarda jogap tapmak kyn. Fundamentalist reformaçy hökmünde-de baha berip boljak, pikiriñi bulaşdyryjy konserwatiw çemeleşmä eýe reformist Mesut Pezeşkiýanyñ ýurduñ içinde we daşynda buýr-bulaşyk şertler astynda prezidentlige saýlanmagy geçen gezekki saýlawlarda (2021ý.) güýç inženerligini edip üstünlik gazanan eýran režiminiñ jemgyýetçilik inženerligini etmekde şowsuzdugyna güwä geçýär. Režimiñ ýeke-täk tebigaty täzeden orta atylmady, emma syýasy plýuralizmiñ öz içine alynmagy

belli bir möçberde oňaryldy. Emma syýasy plýuralizmiň arkasynda nasionalist köpçülik bar. Eýran halky eýranly halklar ýa-da bu saýlawlara köpçülikleýin ýagdaýda gatnaşan parsy bolmadyk birtopar etniki azlyk tarapyndan wekilçilik edilýär. Bu ýagdaý režime bir derejä çenli köpçüluge uýgunlaşma mejburylygyny orta atdy. Režimem Arap-Ahwaz sebitlerinde iň köp sesi alan konserwatiw, fundamentalist, ejesi kürt azeri reformist Pezeşkiýanyň şahsy gurluşyndaky etniki, dil, medeni aýratynlyklaryny aç-açan aýdyp bilmegi oňa prezidentlik karýerasynda syýasy, sosial, graždan ugruny kesgitledip biler. Şeýle-de, režimiň onuň daşyjy gabama, päsgelçilik döretme ýa-da beren sözlerini ýerine ýetirmegine päsgel berme babatda oňa ýardam edip biler.
Onuň ýeňşi bilen ylalaşmak režimi gürrüňi gidýän aýratynlyklar bilenem ylalaşmaga mejbur edip biler. Çünki bular diňe şahsy däl. Tersine, režimiň krizisiniň, syýasy-ideologiki we nasional merkeziýetçiliginiň we merkeze öz garaýyşlaryna amal etdirýän taraplar bilen gatnaşygynyň möhüm parçasyma öwrülen umumy aýratynlyklaryň aýdyň yüze çykmasydyr.
Saýlawlarda ýa-da ondan öň rewolýusioner režim iki kynçylygyň tapawudyny bildi. Bulardan birinjisi eýran jemgyýetiniň janlylygy bilen ýüzleşip ýetişmänligidir. Her dürli protest çykyşlarynyň ýaňy-ýakynlarda zor bilen basylyp ýatyrylmagy adamlary we toparlary ýa-da hereketleri boýun bolmaga itermedi. Öňki lapykeçliklere, uly tejribeleriň we esasy adamlaryň maksatnamalaryny amala aşyryp bilmändigine garamazdan, eýran jemgyýeti aktiwligini saklady, plýurallygyny täzeden kesgitledi we bir gezek özdiýenliligini görkezdi. Häkimiýet gurluşynyň içinde orta çykan ýa-da özüni görkezen beýleki we has howply kynçylyk bolsa ýeke tebigat ýa-da ýeke daşky gurşaw mejburylygyny orta atmagynyň režimi goramakda şowsuzlyga uçramagydyr. Emma bu ýagdaý režimiň kemçiliklerini we howplaryny ýüze çykardy. Ýeke tebigatyň çaprazlyklary tizara äşgär boldy. Üç ýyldan gysga wagtyň dowamynda, ýagny prezident Ibrahim Reisiniň saýlaw işleri bilen aradan çykmagynyň arasynda ýüze çykdylar.
Bu gysga döwür wepaly karargähiň häkimiýet ugrundaky çaknyşyklaryny oda salmaga ýeterlik boldy. Bu karargähiň içindäki güýç merlezleriniň çaknyşyklary ýakyn geljekde režimiň görnüşine, tebigatyna we nähili dowam etjegine täsirini ýetirmelidi. Goşunyň we ideologlaryň arasynfa

utgaşykly we deñagramly ýaly görünen zat aslynda tapawutly zatlardy. Geljekde gowşamalatyna getirjek geçiş tapgyryndaky pozisiýalar üçin gazaply bäsleşigi emele getirýärdi. Mahsa Amini konfliktinden we munuñ eýran režiminde galdyran jemgyýetçilik täsirinden başlap, daşardaky komplikasiýalara çenli soñky üç ýyllyk synag içerde we daşarda şowsuzlyk bilen gutardy. Utgaşykly ýa-da birmeñzeş ýeke tebigatly häkimiýet köptaraply tebigata eýe ilkibaşdaky serdarlarynyñ edişi ýaly azajyk bölegini-de çözüp bilmedi.
Praktikada režimiñ iki saýlawy bardy. Birinjisi öz içindäki bäsdeşligi çäklendirmekdi. Bu onuñ öz ganatlarynyñ arasynda gorkunç netijeleri boljak gazaplu göreş manysyny añladýardy. Beýlekisi bolsa syýasy reforma maksatnamasyna eýe bolmazlyk şerti bilen reformist kandidaty öñe çykarmakdy. Munuñ birnäçe düşündirişi bar. Bulardan biri režimiñ reformaçylary öz möhüm ugurlaryna ugrarly şahslar hökmünde kabul etmegidir. Emma režim reformaçylaryñ diñe režime däl, rewolýusiýa-da ideologiki ygrarlylyklaryndan şübhelenýändigi üçin olary maksatnama hökmünde ret edýär. Bärdäki rewolýusiýanyñam «režimi goramak üçin içerik seredýän» we «režimi daşyna ýaýmak üçin daşaryk seredýän» iki ýüzi bar. Her iki ýüzünde-de Pezeşkiýan şumada çenli olar üçin haýsydyr bir howp abandyrmaýar.
Galyberse-de, bu tapgyrda režim üçin iñ esasy zat içerki işlerini täzeden düzgünleşdirmekdir. Režimiñ esasy üns berýän zady ganatlarynyñ arasynda çaknyşyklaryñ ýüze çykmasynyñ öñüni almak ýa-da geçiş tapgyryny taslana çenli muny gijikdirmek. Çünki režim Pezeşkiýanyñ indi sessiz däl halk köpçüligi tarapyndan goldanýan parahatçylykly güýje öwrülmeginden gorkýar.
Mustafa FAHS.

Şenbe, 13.07.2024 ý. Publisistika